# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 17-NJI «ARÇMAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AŞYRMUHAMMET GURBANGELDIÝEWIÇ AÝLYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Aşyrmuhammet Gurbangeldiýewiç Aýlyýew 1974-nji ýylyň 5-nji awgustynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Garagan obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1981-1991-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň 10-njy orta mekdebinde okady.

1991-1992-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «Garaşsyzlyk» daýhan birleşiginde işledi.

1992-1997-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony zootehnik hünäri boýunça tamamlady.

1997-1998-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «Garaşsyzlyk» daýhan birleşiginde zootehnigiň kömekçisi bolup işledi.

1998-1999-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň 10-njy orta mekdebinde laborant bolup işledi.

1999-2002-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň Garagan geňeşliginiň geňeşiniň kätibi;

2002-2003-nji ýyllarda Bäherden etrap häkimliginiň Işgärler we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek bölüminiň müdiri;

2003-2004-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «Garaşsyzlyk» daýhan birleşiginiň başlygy, Garagan geňeşliginiň arçyny wezipelerinde işledi.

2004-2005-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «Dökünhimiýa» bazasynyň hünärmeni, 2005-2006-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň «Garaşsyzlyk» daýhan birleşiginiň başlygy, Garagan geňeşliginiň arçyny, 2006-2012-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «Dökünhimiýa» bazasynyň ammar müdiri, esasy hünärmeni wezipelerinde işledi.

2012-nji ýylyň iýun aýyndan bäri Bäherden etrap häkimliginiň Oba hojalygynda özgertmeleri we döwrebap usullary ornaşdyrmak bölüminiň baş hünärmeni wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 17-NJI «ARÇMAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## WELMYRAT REJEPALYÝEWIÇ GUTLYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Welmyrat Rejepalyýewiç Gutlyýew 1984-nji ýylyň 23-nji ýanwarynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Kelete obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1990-1999-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 40-njy orta mekdebinde okady.

2001-2005-nji ýyllarda Halkara türkmen-türk uniwersitetinde okap, ony Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa hünäri boýunça tamamlady.

2005-2006-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

2006-2010-njy ýyllarda telekeçilik işi bilen meşgullandy.

2010-njy ýylyň maý aýyndan bäri «Weli gurluşyk» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISININ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 17-NJI «ARÇMAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SALYHMUHAMMET HOMMADOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Salyhmuhammet Hommadow 1961-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Akdepe obasynda doguldy. Milleti türkmen. 1969-1979-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň 3-nji orta mekdebinde okady.

1979-1980-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «Zähmet» daýhan birleşiginde gurluşykçy bolup işledi.

1980-1984-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, 1984-1985-nji ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, filolog, rus dili we edebiýaty mugallymy hünärine eýe boldy.

1985-1995-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň 3-nji orta mekdebiniň mugallymy; 1995-nji ýylyň sentýabr-oktýabr aýlarynda «Ahalsyýahat» müdirliginiň bölüm müdiri bolup işledi.

1995-1999-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň «Köwata» ýerasty kölüniň direktory;

1999-2001-nji ýyllarda Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň Aşgabat şäherindäki «Süýt» paýdarlar jemgyýetiniň kömekçi hojalygynyň müdiri; 2001-2003-nji ýyllarda Bäherden süýt kombinatynyň müdiri;

2004-2005-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «S.A.Nyýazow» daýhan birleşiginiň başlygy;

2007-2009-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň 3-nji orta mekdebiniň mugallymy wezipelerinde işledi.

2009-2015-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň 3-nji orta mekdebiniň müdiriniň wezipesini ýerine ýetiriji bolup işledi.

2015-nji ýylyň iýun aýyndan bäri Bäherden etrabynyň 3-nji orta mekdebiniň müdiri wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 18-NJI «BÄHERDEN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## DAŇGELDI ORAZGULYÝEWIÇ GULJUROW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Daňgeldi Orazgulyýewiç Guljurow 1982-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Mürçe obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1989-1998-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň 29-njy mekdebinde okady.

1999-2003-nji ýyllarda Türkmen politehniki institutynda okady we ony inžener-geodeziýaçy hünäri boýunça tamamlady.

2003-2004-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2004-2005-nji ýyllarda Ahal geodeziki merkezinde inžener-geodeziýaçy;

2005-2006-njy ýyllarda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň 5-nji kärhanasynyň Ahal welaýat şahamçasynyň geodeziýa-topografiýa bölüminiň uly tehnigi;

2006-2016-njy ýyllarda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň statistika bölüminiň II derejeli hünärmeni wezipelerinde işledi.

2016-njy ýylyň maý aýyndan bäri Ahal welaýatynyň Bäherden şäher geňeşiniň arçyny wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 18-NJI «BÄHERDEN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MAKSATBERDI YSLAMBERDIÝEWIÇ GURBANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Maksatberdi Yslamberdiýewiç Gurbanow 1981-nji ýylyň 26-njy noýabrynda Aşgabat şäheriniň Garadaşaýak ýaşaýyş toplumynda doguldy. Milleti türkmen.

1989-1995-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1995-1999-njy ýyllarda Aşgabat şäherinde ýerleşýän Saparmyrat Türkmenbaşy Aýratyn zehinli çagalaryň döwlet mekdep-internatynda okady.

1999-2003-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony matematik, matematika mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2003-2010-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 125-nji orta mekdebiniň matematika we informatika mugallymy;

2010-2011-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 126-njy orta mekdebiniň matematika we informatika mugallymy bolup işledi.

2011-2012-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Ahal welaýatynyň Ruhabat etrap Geňeşiniň başlygy;

2012-2013-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Ahal welaýat Geňeşiniň başlygynyň orunbasary, başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji wezipelerinde işledi.

2013-2018-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň häkimliginiň Işgärler, geňeşlikler we häkimligiň edaralarynyň işini utgaşdyryjy bölüminiň müdiri bolup işledi.

2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Ahal welaýatynyň häkimliginiň Iş dolandyryjysy wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» ýubileý medaly bilen sylaglanyldy. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 19-NJY «GÖKDEPE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



### MUHAMMETMYRAT ORAZMYRADOWIÇ BÄŞIMOW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Muhammetmyrat Orazmyradowiç Bäşimow 1986-njy ýylyň 18-nji awgustynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Gökdepe şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1993-2002-nji ýyllarda Gökdepe etrabynyň Gökdepe şäherindäki 12-nji orta mekdepde okady.

2002-2004-nji ýyllarda Gökdepe etrabynyň telekeçisi O. Bäşimowyň ýekebara söwda kärhanasynda kömekçi bolup işledi.

2004-2009-njy ýyllarda Türkmen politehniki institutynda okady we ony inžener-mehanik, menejer hünäri boýunça tamamlady.

2009-njy ýylyň awgust-dekabr aýlarynda «Türkmendemirçigmal» önümçilik birleşiginiň «Ahaldemirçigmal» şahamçasynyň kabul ediji-demir ýol tereziçisi;

2009-2012-nji ýyllarda «Türkmendemirçigmal» önümçilik birleşiginiň Meýilnama-önümçilik bölüminiň baş hünärmeni, Metal galyndylarynyň hasabynyň ýöredilişini, saklanylyşyny we tabşyrylyşyny utgaşdyrmak işleri bölüminiň başlygy wezipelerinde işledi.

2012-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň Gurluşyk we raýat desgalary bölüminiň raýat desgalary bölümçesiniň I derejeli hünärmeni, şol bölümiň başlygynyň orunbasary - raýat desgalary bölümçesiniň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji, ministrligiň Senagat demir ýol ulaglarynyň döwlet kärhanasynyň baş direktorynyň orunbasary wezipelerinde işledi.

2014-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky döwlet gullugy akademiýasynda okady.

2016-2017-nji ýyllarda Senagat demir ýol ulaglarynyň Döwlet kärhanasynyň Abadan önümçilik bölüminiň I derejeli inženeri wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň iýun aýyndan bäri Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Ahal welaýat komitetiniň bölüm müdiri wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 19-NJY «GÖKDEPE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURY BABAÝEWIÇ

* * * * *

## TERJIMEHALY

Nury Babaýewiç Kömekow 1980-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1986-1993-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň 2-nji orta mekdebinde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Aýratyn zehinli çagalaryň döwlet mekdep-internatynda okady.

1997-2001-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony iňlis dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2001-2003-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2003-2008-nji ýyllarda Aman Kekilow adyndaky mugallymçylyk mekdebinde iňlis dili mugallymy bolup işledi. Şol bir wagtda 2005-2008-nji ýyllarda Aman Kekilow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň başlygy boldy.

2008-2009-njy ýyllarda Ahal welaýat häkimliginiň Bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, jemgyýetçilik guramalarynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işlerini utgaşdyryjy bölüminiň başlygy wezipesinde işledi.

2006-njy ýylda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň ýeňijisi boldy.

2009-njy ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Halkara we parlamentara aragatnaşyklary baradaky komitetiň agzasy.

Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» we 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medallary bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 20-NJI «YZGANT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## RÖWŞEN AMANSÄHEDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Röwşen Amansähedow 1979-njy ýylyň 12-nji ýanwarynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň S.A.Nyýazow obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1986-1994-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky 8-nji orta mekdebinde okady.

1995-2000-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony inžener-tehnolog hünäri boýunça tamamlady.

2000-2002-nji ýyllarda «Şaman» hususy kärhanasynda inžener-tehnolog; 2002-2003-nji ýyllarda «Serdar» oba senagat toplumynda tehnolog bolup işledi.

2005-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda Ahal welaýatynyň öňki Ruhabat etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň arassaçylyk-gümrük gözegçilik bölümçesiniň arassaçylyk hünärmeni wezipelerinde işledi.

2005-2006-njy ýyllarda Ahal welaýatynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň Iýmit önümlerine döwlet gözegçiligi we barlag geçirip güwänama berýän bölüminiň inžener-tehnology; 2007-2010-njy ýyllarda Gökdepe etrabyndaky «Altyn jüýje» towuk fermasynyň tehnology wezipesinde işledi.

2010-njy ýylyň sentýabr aýyndan bäri Gökdepe etrabyndaky «Altyn jüýje» haryt nyşanly guşçulyk hojalygynyň başlygy bolup işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 20-NJI «YZGANT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## KERIMGULY GURBANGULYÝEWIÇ GELDIÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Kerimguly Gurbangulyýewiç Geldiýew 1980-nji ýylyň 21-nji awgustynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1987-1994-nji ýyllarda Gökdepe etrabynyň 9-njy orta mekdebinde, 1994-1998-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabyndaky 9-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebinde okady.

1998-2004-nji ýyllarda Türkiýe Respublikasynyň Izmir şäherinde ýerleşýän Dokuz Eýlül uniwersitetinde okap, menejer hünärine eýe boldy. 2004-2005-nji ýyllarda «Gap-Türkmen» jins toplumynda önümçilik inženeri wezipesinde işledi.

2005-2006-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

2007-2008-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 87-nji orta mekdebinde hojalyk müdiri, 2008-nji ýylyň aprel-iýun aýlarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk institutynyň ylmy işgäri, iýun-noýabr aýlarynda Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynda baş ykdysatçy bolup işledi.

2010-2011-nji ýyllarda «Lotus-Enerji» kompaniýasynyň dolandyryş bölüminiň hünärmeni; 2011-2015-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Menejment» kafedrasynyň mugallymy bolup işledi.

2015-2017-nji ýyllarda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň «Halkara ykdysadyýeti» kafedrasynyň mugallymy bolup işledi. 2017-nji ýyldan bäri Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň «Menejment» kafedrasynyň mugallymy bolup işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 20-NJI «YZGANT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GARLY AMANBERDIÝEWIÇ GARLYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Garly Amanberdiýewiç Garlyýew 1971-nji ýylyň 19-njy martynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Garagan obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1978-1988-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň 10-njy orta mekdebinde okady.

1988-1990-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň Garagan obasynda kärendeçi bolup işledi.

1990-1995-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony fizika mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1994-2006-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň 10-njy orta mekdebiniň fizika mugallymy, soňra müdiriň wezipesini ýerine ýetiriji bolup işledi.

2006-2007-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň 10-njy orta mekdebiniň fizika mugallymy bolup işledi.

2007-2009-njy ýyllarda Bäherden etrabynyň Bilim bölüminiň hünärmeni wezipesinde işledi.

2009-2012-nji ýyllarda Ylym we bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşyklarynyň Bäherden etrabyndaky ilkinji guramalarynyň başlyklarynyň Geňeşiniň başlygy wezipesinde işledi.

2012-nji ýylyň aprel aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Ahal welaýatynyň Bäherden etrap birleşmesiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 21-NJI «DERWEZE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AÝTÄÇ ANNAMYRADOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Aýtäç Annamyradowa 1984-nji ýylyň 3-nji martynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Bäherden şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1991-2001-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň Bäherden şäherindäki 1-nji orta mekdebinde okady.

2004-2009-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony gallany saklamagyň we gaýtadan işlemegiň tilsimaty hünäri boýunça tamamlady.

2009-2015-nji ýyllarda «Ahalgallaönümleri» önümçilik birleşiginiň «Bäherdengallaönümleri» kärhanasynyň barlaghana bölüminiň hil barlaýjysy bolup işledi.

2015-nji ýylyň iýun aýyndan bäri Ahal welaýatynyň Oba hojalyk önümçilik birleşiginiň «Bäherdengallaönümleri» kärhanasynyň işgärler bölüminiň alyp baryjy hünärmeni wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 21-NJI «DERWEZE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BEKMYRAT SÄHETMYRADOWIÇ ATALYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Bekmyrat Sähetmyradowiç Atalyýew 1976-njy ýylyň 4-nji sentýabrynda Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Tejen şäherindäki 7-nji orta mekdepde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okady we ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

1997-1998-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Karz beriş müdirliginiň ykdysatçysy bolup işledi.

1998-2011-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Berkararlyk etrap şahamçasynyň karz pul beriş bölüminiň müdiri, Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň karz pul beriş müdirliginiň uly ykdysatçysy, Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň kömekçisi, Halkara hasaplaşyklary we walýuta amallary müdirliginiň başlygy, Pul dolanyşygy, zähmet haklaryna we kassa amallaryna gözegçilik müdirliginiň başlygy, Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Berkararlyk etrap şahamçasynyň dolandyryjysy, «Diýar» şahamçasynyň dolandyryjysy wezipelerinde işledi.

2011-2017-nji ýyllarda «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň müdiriýetiniň başlygy wezipesinde işledi. Şol bir wagtda, 2014-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň başlygynyň orunbasary wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň 16-njy noýabryndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 21-NJI «DERWEZE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GURBANGÜL BAÝRAMBERDIÝEWNA BERKELIÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gurbangül Baýramberdiýewna Berkeliýewa 1982-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1988-2000-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 18-nji orta mekdebinde okady.

2000-2004-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, halkara gatnaşyklary boýunça hünärmen kärine eýe boldy.

2004-nji ýylyň iýul aýynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallar dolandyrmasynyň hukuk meseleleri boýunça hünärmeni wezipesinde işledi

2005-2008-nji ýyllarda D.Öwezow adyndaky Türkmen Döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde işgärler boýunça hünärmen;

2008-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky döwlet we hukuk institutynda ylmy işgär bolup işledi.

2009-njy ýylyň sentýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň bilermen-maslahat beriş bölüminde ýuridiki meseleler boýunça bilermen-maslahat beriji bolup işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISININ̆ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 22-NJI «ÄNEW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ARSLAN NAZAROWIÇ ANNAGULYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Arslan Nazarowiç Annagulyýew 1979-njy ýylyň 6-njy maýynda Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Kaka şäherçesinde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1994-nji ýyllarda Kaka etrabynyň 12-nji orta mekdebinde, 1994-1996-njy ýyllarda Kaka etrabynyň ýöriteleşdirilen 1-nji orta mekdebinde okady.

1996-2000-nji ýyllarda Türkmen politehniki institutynda okady we ony ykdysatçy-dolandyryjy hünäri boýunça tamamlady.

2000-2001-nji ýyllarda «Garagum» halkara paýdarlar bankynyň II derejeli inženeri bolup işledi.

2001-2002-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2003-nji ýylyň ýanwar-maý aýlarynda Ahal welaýatynyň Baş ykdysadyýet we maliýe müdirliginiň Durmuş ykdysady ösüş bölüminiň baş hünärmeni; 2003-2004-nji ýyllarda «Garagum» halkara paýdarlar bankynyň I derejeli ykdysatçysy; 2004-2005-nji ýyllarda «Türkmennebitgaz» döwlet söwda korporasiýasynyň Hojalyk hasaplaşyk müdirliginiň «Gazmontažlaýyş» hojalyk hasaplaşykly uçastogynyň ykdysatçysy, baş inženeri; 2005-2006-njy ýyllarda «Türkmengazüpjünçilik» birleşiginiň «Türkmengaz» döwlet konserniniň Ahal welaýatyny gazlaşdyrmak boýunça Gurluşyk-gurnaýyş müdirliginiň ussasy; 2006-njy ýylyň aprel-maý aýlarynda «Türkmenýöritenebitgazgurnama» trestiniň müdirliginiň daş kesýän sehiniň ussasy; 2006-2008-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Baş ykdysadyýet we maliýe müdirliginiň Durmuş ykdysady ösüş bölüminiň esasy hünärmeni, baş hünärmeni bolup işledi.

2008-2011-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Baş maliýe müdirliginiň Maliýe hasabatyny seljeriş-jemleýiş bölüminiň esasy hünärmeni; 2011-2017-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Baş maliýe müdirliginiň Maliýe hasabatyny seljeriş-jemleýiş bölüminiň başlygy wezipelerinde işledi.

2017-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Ahal welaýatynyň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliginiň Maliýe hasabatyny seljeriş we jemleýiş bölüminiň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 22-NJI «ÄNEW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ANNAMUHAMMET ATAÝEWIÇ SARJAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Annamuhammet Ataýewiç Sarjaýew 1975-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 14-nji orta mekdebinde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady. 1997-2001-nji ýyllarda «TIS» ätiýaçlandyryş paýdarlar jemgyýetiniň ýükleri we awtoulaglary ätiýaçlandyrma bölüminiň hünärmeni, şahsy emläkleri ätiýaçlandyrma bölüminiň başlygynyň orunbasary wezipelerinde işledi. 2001-2005-nji ýyllarda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň Usulyýet we barlaglar bölüminiň döwlet inspektory, Usulyýet dolandyryşynyň salgyt ulgamyny kämilleşdiriş bölüminiň baş döwlet inspektory, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň kömekçisi wezipelerinde işledi. 2005-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginde ministriniň kömekçisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň kömekçisi, Ahal welaýat häkiminiň kömekçisi wezipelerinde işledi.

2008-2010-njy ýyllarda Ahal welaýatynyň Baş maliýe müdirliginiň Jemleýji býujet bölüminiň Durmuş ulgamynyň çykdajylaryny maliýeleşdiriş kiçi bölüminiň baş hünärmeni, Maliýe hasabatyny seljeriş we jemleýji bölüminiň başlygy wezipelerinde işledi.

2010-2014-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Baş maliýe müdirliginiň başlygynyň orunbasary; 2014-2015-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliginiň başlygynyň orunbasary; 2015-2017-nji ýyllar aralygynda Ahal welaýatynyň Baş maliýe müdirliginiň başlygy wezipelerinde işledi.

2017-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Ahal welaýatynyň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliginiň başlygy bolup işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 22-NJI «ÄNEW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



### ORAZMUHAMMET GURBANMUHAMMEDOWIÇ ÝÜZBAŞYÝEW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Orazmuhammet Gurbanmuhammedowiç Ýüzbaşyýew 1982-nji ýylyň 15-nji iýunynda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Garaşsyzlyk obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1988-1998-nji ýyllarda Tejen etrabynyň 18-nji orta mekdebinde okady.

1998-1999-njy ýyllarda Tejen etrabynyň «Dostluk» daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

1999-2003-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony matematika mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2003-2006-njy ýyllarda Tejen etrabynyň 18-nji orta mekdebinde mugallym; 2006-2007-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň 15-nji orta mekdebinde mugallym; 2007-2011-nji ýyllarda Ak bugdaý etrabynyň 16-njy orta mekdebinde mugallym bolup işledi.

2011-nji ýylyň fewral-aprel aýlarynda Ahal welaýatynyň Statistika müdirliginiň Maliýe söwda hasabaty we derňew bölüminiň I derejeli hünärmeni; 2011-2013-nji ýyllarda Ahal welaýat häkimliginiň Oba hojalyk toplumy bölüminiň baş hünärmeni; 2013-2016-njy ýyllarda Ahal welaýat häkimliginiň Oba hojalygynda özgertmeler we döwrebap usullary ornaşdyrmak müdirliginiň Oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek bölüminiň esasy hünärmeni wezipelerinde işledi.

2016-njy ýylyň aprel-oktýabr aýlarynda Ak bugdaý etrap häkimliginiň Iş dolandyryjysy wezipesinde işledi.

2016-njy ýylyň oktýabr aýyndan bäri Ahal welaýat häkimliginiň Oba hojalygynda özgertmeler we döwrebap usullary ornaşdyrmak müdirliginiň Oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek bölüminiň esasy hünärmeni wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 23-NJI «AK BUGDAÝ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AJAPGÖZEL KAKABAÝEWNA IŞANGULYÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Ajapgözel Kakabaýewna Işangulyýewa 1973-nji ýylyň 12-nji maýynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Änew şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1979-1989-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 51-nji orta mekdebinde okady.

1990-1994-nji ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony rus dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1994-1996-njy ýyllarda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyndaky 7-nji orta mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy;

1996-1997-nji ýyllarda Halkara aksioner bankynyň arhiwçisi;

1997-nji ýylyň maý-dekabr aýlarynda Ak bugdaý etrap bilim bölüminiň hünärmeni bolup işledi.

1998-nji ýylyň dekabr aýyndan bäri Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyndaky 5-nji orta mekdebinde rus dili mugallymy bolup işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 23-NJI «AK BUGDAÝ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MÖWLAM ÖRÄÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Möwlam Öräýew 1961-nji ýylyň 17-nji martynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Gämi obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1969-1979-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 119-njy orta mekdebinde okady.

1979-1984-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, filolog, türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünärine eýe boldy.

1984-1993-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň 17-nji orta mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.

1993-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň 17-nji orta mekdebiniň müdiri wezipesinde işleýär.

1999-njy ýylda «Gaýrat» medaly, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

Maşgalaly, dört ogly, iki gyzy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 24-NJI «KAKA» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## RAHYM AKMYRADOWIÇ

* * * * *

## TERJIMEHALY

Rahym Akmyradowiç Esenow 1982-nji ýylyň 13-nji awgustynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1989-1998-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Ýunus Emre adyndaky 47-nji orta mekdebinde okady.

1998-2002-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony biolog mugallym hünäri boýunça tamamlady.

2002-2003-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2004-2009-njy ýyllarda «Türkmennebitönümleri» baş müdirliginiň Nebit önümleriniň peýdalanylyşyna gözegçilik gullugynyň baş hünärmeni;

2009-2010-njy ýyllarda «Türkmennebitönümleri» baş müdirliginiň nebit önümleriniň peýdalanylyşyna gözegçilik gullugynyň başlygynyň orunbasary;

2010-2014-nji ýyllarda «Türkmennebit» döwlet konserniniň merkezi edarasynyň Zähmeti goramak, tehniki howpsuzlyk we daşky gurşawy goramak bölüminiň esasy hünärmeni, konserniň «Nebitgaz-düýpliabatlaýyş» trestiniň esasy derňewçisi, «Türkmennebit» döwlet konserniniň merkezi edarasynyň baş derňewçisi wezipelerinde işledi.

2013-nji ýylyň fewral-iýul aýlarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynda okady.

2014-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentliginiň direktorynyň kömekçisi bolup işledi.

2016-njy ýylyň awgust aýyndan bäri «Türkmennebitönümleri» baş müdirliginiň Awtomobillere ýangyç guýuş stansiýalarynyň önümçilik müdirliginiň başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 24-NJI «KAKA» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AÝŞAT MUHAMMETDURDYÝEWNA GÖJENOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Aýşat Muhammetdurdyýewna Göjenowa 1973-nji ýylyň 18-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1980-1988-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň 14-nji orta mekdebinde okady.

1988-1992-nji ýyllarda A.Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebinde okady we ony başlangyç synp mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1992-2001-nji ýyllarda Kaka etrabynyň 14-nji orta mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.

2001-2005-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okady we ony hukuk öwreniş hünäri boýunça tapawutlanan diplom bilen tamamlady.

2005-nji ýylyň awgust-dekabr aýlarynda Ahal welaýatynyň Kaka etrap kazyýetiniň uly kazyýet ýerine ýetirijisi;

2005-2008-nji ýyllarda Kaka etrap häkimliginiň baş hünärmeni;

2008-2012-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Tejen etrap, şäher kazyýetiniň dolandyryş we ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça kazysy wezipelerinde işledi.

2012-2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Halkara we parlamentara aragatnaşyklar baradaky komitetiniň agzasy;

2014-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň agzasy boldy.

2017-nji ýylyň mart aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy bolup durýar. Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty. Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 25-NJI «DUŞAK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SERDAR GURBANGULYÝEWIÇ BERDIMUHAMEDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Serdar Gurbangulyýewiç Berdimuhamedow 1981-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1987-1997-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 43-nji orta mekdebinde okady.

1997-2001-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okady we ony inžener-tehnolog hünäri boýunça tamamlady.

2001-nji ýylyň iýul-noýabr aýlarynda Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň Daşary ykdysady aragatnaşyklar müdirliginiň baş hünärmeni bolup işledi.

2001-2003-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2003-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň Miwe-gök ekin senagaty boýunça esasy bölüminiň baş hünärmeni, Alkogolsyz piwo we çakyrçylyk senagaty boýunça esasy bölüminiň baş hünärmeni bolup işledi.

2008-2011-nji ýyllarda Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrliginiň Diplomatik akademiýasynda okady we ony halkara gatnaşyklary boýunça hünärmen hünäri boýunça tamamlady.

Şol ýyllarda Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasyndaky (Moskwa şäheri) Ilçihanasynyň geňeşçisi wezipesinde işledi.

2011-2013-nji ýyllarda Ženewadaky Howpsuzlyk syýasaty merkezinde okap, ony halkara we ýewropa howpsuzlygy boýunça hünärmen hünäri boýunça tamamlady. Şol ýyllarda Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky edarasynyň ýanyndaky (Şweýsariýa Konfederasiýasy, Ženewa şäheri) Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň geňeşçisi wezipesinde işledi.

2013-nji ýylyň awgust-dekabr aýlary Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Ýewropa ýurtlary bölüminiň başlygy wezipesinde işledi.

2013-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentliginiň direktorynyň orunbasary wezipesinde işledi.

2016-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara habarlary departamentiniň başlygy wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň mart aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 25-NJI «DUŞAK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## OGULJEREN MYRADOWNA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Oguljeren Myradowna Gurdowa 1965-nji ýylyň 21-nji iýunynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1972-1982-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki 25-nji orta mekdebinde okady.

1982-1987-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony taryh we jemgyýeti öwreniş mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1987-1997-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 23-nji orta mekdebinde taryh mugallymy, mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary wezipelerinde işledi.

1997-2003-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň 17-nji orta mekdebiniň taryh mugallymy, mekdep müdiriniň başlangyç synplar boýunça okuw işleri baradaky orunbasary, mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary wezipelerinde işledi.

2003-2012-nji ýyllarda Kaka etrabynyň 17-nji orta mekdebiniň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary, mekdep müdiri wezipelerinde işledi.

2012-2015-nji ýyllarda Kaka etrabynyň 17-nji orta mekdebiniň taryh mugallymy bolup işledi.

2015-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Kaka etrabynyň 10-njy orta mekdebiniň müdiriniň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary wezipesinde işleýär. Maşgalaly, iki çagasy bar.

1996-njy ýylda «Türkmenistanyň ussat mugallymy», 2012-nji ýylda «Zähmet weterany» adyna eýe boldy we 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 26-NJY «TEJEN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AMANMUHAMMET ATABAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Amanmuhammet Atabaýew 1971-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Bereket obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1978-1988-nji ýyllarda Tejen etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1988-1989-njy ýyllarda Tejen etrabynyň «Bereket» daýhan birleşiginiň slesary bolup işledi.

1989-1994-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony alym-agronom hünäri boýunça tamamlady.

1994-1998-nji ýyllarda Tejen etrabynyň «Bereket» daýhan birleşiginiň gidrotehnigi;

1998-2000-nji ýyllarda Tejen etrabynyň «Bereket» daýhan birleşiginiň agronomy;

2000-2011-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň öňki Altyn asyr etrabynyň Ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy edarasynyň baş inženeri, «Tejen» daýhan birleşiginiň kärendeçisi, Altyn asyr etrabynyň Galla kabul ediş kärhanasynyň dükan müdiri, ýangyç paýlamakda jogapkär işgäri, laboranty, hünärmeni wezipelerinde işledi.

2011-2012-nji ýyllarda Tejen etrabynyň «Tejen» daýhan birleşiginiň başlygynyň orunbasary;

2012-2015-nji ýyllarda Tejen etrabynyň Altyn asyr şäher Geňeşiniň arçyny wezipelerinde işledi.

2015-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Tejen etrabynyň Altyn asyr şäheriniň Jemagat hojalygy müdirliginiň başlygy bolup işleýär.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 26-NJY «TEJEN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AHMET AMANGELDIÝEWIÇ ÇARYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Ahmet Amangeldiýewiç Çaryýew 1974-nji ýylyň 6-njy awgustynda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Tejen şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1981-1991-nji ýyllarda Tejen şäherindäki 5-nji orta mekdepde okady. 1991-1996-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okady we ony tapawutlanan diplom bilen zooinžener hünäri boýunça tamamlady.

1997-1998-nji ýyllarda Tejen etrabynyň Tejen şäher Geňeşiniň abadanlaşdyryş bölüminiň hünärmeni; 1998-2005-nji ýyllarda Tejen etrabynyň Tejen şäher Geňeşiniň abadanlaşdyryş bölüminiň baş hünärmeni, sosial-ösüş bölüminiň müdiri, abadanlaşdyryş bölüminiň baş hünärmeni, ýaşaýyş jaý meseleleri bölüminiň müdiri wezipelerinde işledi. Şol bir wagtda 2000-2005-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Tejen etrap Geňeşiniň başlygy wezipesinde işledi.

2005-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Geňeşler bilen işlemek baradaky komitetiniň agzasy boldy. 2007-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Geňeşler bilen işlemek baradaky komitetiniň başlygy wezipesinde işledi. 2009-2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komitetiniň agzasy boldy.

2012-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň III, IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly, 2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan» we 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medallary, 2017-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 27-NJI «AGALAŇ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BATYR BAÝGELDIÝEWIÇ ÇARYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Batyr Baýgeldiýewiç Çaryýew 1989-njy ýylyň 4-nji maýynda Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1996-2005-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň öňki Ruhabat etrabyndaky 41-nji orta mekdebinde okady.

2006-2010-njy ýyllarda Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebinde okap, ony nakgaşçylyk hünäri boýunça tamamlady.

2010-2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda okap, ony şekillendiriş sungatynyň taryhy we nazaryýeti hünäri boýunça tamamlady.

2015-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň wagtlaýyn sergiler zalynyň gözegçisi wezipesinde işledi.

2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Merkezi Geňeşiniň Guramaçylyk we syýasy işler bölüminiň partiýa guramaçysy wezipesinde işleýär.

2009-njy ýylda Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi boldy, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň ýaş alymlarynyň we talyplarynyň arasyndaky ylmy işler bäsleşiginiň ýeňijisi boldy.

2017-nji ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 26 ýyllyk baýramy mynasybetli ýadygärlik nyşany bilen sylaglandy.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 27-NJI «AGALAŇ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ŞATLYK GURBANOWIÇ IŞANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Şatlyk Gurbanowiç Işanow 1976-njy ýylyň 17-nji noýabrynda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Babadaýhan obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Tejen etrabynyň Resul Hojaberdiýew adyndaky 4-nji orta mekdebinde okady.

1993-1994-nji ýyllarda Tejen etrabynyň 26-njy orta mekdebiniň uzaldylan günli toparynyň terbiýeçisi bolup işledi.

1994-1998-nji ýyllarda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony matematika, informatika we hasaplaýyş tehnikasynyň mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1998-2006-njy ýyllarda Tejen etrabynyň Resul Hojaberdiýew adyndaky 4-nji orta mekdebiniň matematika mugallymy;

2006-2007-nji ýyllarda Tejen etrabynyň Resul Hojaberdiýew adyndaky 4-nji orta mekdebiniň müdiriniň okuw işleri barada orunbasary;

2007-2010-njy ýyllarda Tejen etrabynyň Resul Hojaberdiýew adyndaky 4-nji orta mekdebiniň informatika mugallymy;

2010-2014-nji ýyllarda Tejen etrabynyň Resul Hojaberdiýew adyndaky 4-nji orta mekdebiniň müdiriniň okuw işleri barada orunbasary bolup işledi.

2014-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komitetiniň agzasy. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 28-NJI «GÖNIAMAŞA» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## PIRNAZAR HUDAÝNAZAROW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Pirnazar Hudaýnazarow 1958-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň B.Kerbabaýew adyndaky obasynda doguldy. Milleti türkmen. 1966-1974-nji ýyllarda Tejen etrabynyň 13-nji orta mekdebinde okady. 1974-1978-nji ýyllarda Aman Kekilow adyndaky mugallymçylyk mekdebinde okady we ony başlangyç synp mugallymy hünäri boýunça tamamlady. 1978-1983-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okady we hukuk öwreniji hünärine eýe boldy.

1973-1974-nji ýyllarda Babadaýhan etrabynyň kolhozara gurluşyk guramasynda işçi boldy. 1983-1986-njy ýyllarda Babadaýhan etrap häkimliginiň ýurist-maslahatçysy, Agrosenagat işgärleriniň Babadaýhan etrap komitetiniň sekretary wezipelerinde işledi.

1986-1991-nji ýyllarda Türkmenistan Kompartiýasynyň Babadaýhan etrap komitetiniň Guramaçylyk bölüminiň gözükdirijisi, şol bölümiň müdiri wezipelerinde işledi. 1990-njy ýylyň iýul aýynda SSKP MK-nyň ýanyndaky Ýokary partiýa mekdebini syýasaty öwreniji hünäri boýunça tamamlady.

1991-1992-nji ýyllarda Halk deputatlarynyň Babadaýhan etrap Geňeşiniň hukuk maslahatçysy bolup işledi.

1992-1995-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap prokurorynyň kömekçisi, şol prokuraturanyň sülçüsi, Aşgabat şäher prokuraturasynyň Umumy gözegçilik bölüminiň prokurory, şäher prokurorynyň uly kömekçisi; 1995-2001-nji ýyllarda Türkmenistanyň Baş prokuraturasynda Umumy gözegçilik müdirliginiň prokurory, uly prokurory, Işgärler müdirliginiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji, Guramaçylyk işi we ýerine ýetirilişe gözegçilik bölüminiň uly prokurory, başlygyň wezipesini ýerine ýetiriji, Kanunlaryň ýerine ýetirilişine we hukuk namalarynyň kanunylygyna gözegçilik müdirliginiň başlygynyň orunbasary wezipelerinde işledi. 2001-2002-nji ýyllarda Mary welaýatynyň Baýramaly şäher prokurorynyň uly kömekçisi wezipesinde işledi. 2002-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Baş prokuraturasynda Baş derňew müdirliginiň uly prokurory, Işgärler bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji wezipelerinde işledi.

2007-2010-njy ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Umumy bölüminiň Işgärler we döwlet sylaglary bölümçesiniň hünärmeni wezipesinde işledi.

2010-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy, şol komitetiň başlygy wezipelerinde işledi. 2014-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň başlygy wezipesinde işledi. 2017-nji ýylyň mart aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2006-njy ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly, 2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan» ýubileý medaly, 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» ýubileý medaly, 2017-nji ýylda «Gaýrat» medaly bilen sylaglandy. Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 28-NJI «GÖNIAMAŞA» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



### JEPBAR TÄÇNAZAROWIÇ JOMMYÝEW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Jepbar Täçnazarowiç Jommyýew 1982-nji ýylyň 27-nji fewralynda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Hasyl obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1988-1998-nji ýyllarda Babadaýhan etrabynyň 2-nji orta mekdebinde okady.

1998-2001-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki Indira Gandi adyndaky lukmançylyk mekdebinde okady.

2001-2006-njy ýyllarda Babadaýhan etrap hassahanasynyň şepagat dogany bolup işledi.

2006-2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony maşgala lukmany hünäri boýunça tamamlady.

2012-2013-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki Gurbansoltan eje adyndaky Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezinde maşgala lukmany bolup işledi.

2013-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Babadaýhan etrap hassahanasynyň Akwekil oba saglyk merkeziniň maşgala lukmany bolup işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 29-NJY «BABADAÝHAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ÝAZGELDI AŞYRMUHAMMEDOWIÇ MEREDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Ýazgeldi Aşyrmuhammedowiç Meredow 1981-nji ýylyň 28-nji aprelinde Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Garawekil obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1988-1997-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň 4-nji orta mekdebinde okady.

1997-2001-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2001-2013-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etraby boýunça döwlet Salgyt gullugynyň Hasap we hasabat bölüminiň I derejeli hünärmeni, Hasap we hasabat bölüminiň inspektory, Barlaglar bölüminiň inspektory, Hasap we hasabat bölüminiň inspektory, Hasap we hasabat bölüminiň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji, Hasap we hasabat bölüminiň başlygy wezipelerinde işledi.

2013-2016-njy ýyllarda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Maliýe bölüminiň başlygy;

2016-2017-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Tejen şäheriniň Maliýe bölüminiň başlygy;

2017-2018-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Tejen şäheriniň Maliýe we ykdysadyýet bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji, başlygy wezipelerinde işledi.

2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Ahal welaýatynyň Tejen şäheriniň Maliýe we ykdysadyýet bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerini ýetiriji wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, alty çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 29-NJY «BABADAÝHAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAÝRAMSOLTAN MYRADOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Baýramsoltan Myradowa 1969-njy ýylyň 30-njy aprelinde Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Täze oba obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1976-1984-nji ýyllarda Babadaýhan etrabynyň 8-nji orta mekdebinde okady. 1984-1987-nji ýyllarda Babadaýhan etrabynyň Ak altyn obasynda ýerleşýän oba hojalyk mekdebiniň hasapçy işgärleri taýýarlaýan bölüminde okady.

1987-nji ýylyň sentýabr-noýabr aýlarynda Babadaýhan etrabynyň Ak altyn obasyndaky medeniýet öýüniň suratçysy; 1987-1992-nji ýyllarda Babadaýhan etrabynyň «Ak altyn» daýhan birleşiginde başga işlerden boşadylan Ýaşlar birleşiginiň guramaçysy; 1991-1995-nji ýyllarda Türkmenistanyň Pedagogik sungat institutynda okap, medeni aň-bilim işgäri, guramaçy-usulyýetçi hünärine eýe boldy.

1992-1997-nji ýyllarda Ak altyn obasyndaky çagalar bagynyň müdiri; 1997-2000-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň «Ak altyn» daýhan birleşiginde kärendeçi; 2000-2001-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Çagalar we ýetginjekler öýünde aýdym-saz boýunça gurnak ýolbaşçysy; 2001-2004-nji ýyllarda şol Çagalar we ýetginjekler öýüniň müdiriniň usuly işler baradaky orunbasary; 2004-2010-njy ýyllarda Babadaýhan etrap häkimliginde baş hünärmen bolup işledi.

2010-njy ýylyň dekabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Ahal welaýat birleşmesiniň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan» ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 30-NJY «ALTYN ASYR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAÝRAMMYRAT ATAGELDIÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Baýrammyrat Atageldiýew 1967-nji ýylyň 9-njy fewralynda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Babadaýhan şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1974-1984-nji ýyllarda Mary welaýatynyň Mary şäherindäki 11-nji orta mekdebinde okady.

1985-1987-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1989-njy ýylyň maý-awgust aýlarynda Türkmenbaşynyň Montaž müdirliginde işledi.

1989-1990-njy ýyllarda «Şatlyk» kooperatiwiniň gazelektro-kebşirleýjisi;

1990-njy ýylyň maý-noýabr aýlarynda Moskwanyň «Aleks» gözleg-agtaryş býurosynyň Mary bölümçesiniň inspektory; 1991-1996-njy ýyllarda Mary şäher kazyýet ýerine ýetirijisi wezipelerinde işledi.

1991-1995-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde gaýybana okap, ony hukukçy hünäri boýunça tamamlady.

1996-1997-nji ýyllarda Aşgabadyň ýolagçylary gatnadýan önümçilik birleşiginiň ýurist-maslahatçysy; 1997-1999-njy ýyllarda «Mähri» hususy önümçilik firmasynyň ýurist-maslahatçysy; 1999-2006-njy ýyllarda Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň bioresurslary goramak bölüminiň döwlet gözegçisi, işgärler bölüminiň başlygy bolup işledi.

2007-nji ýylyň mart-iýul aýlarynda «Türkmenistan Koka-Kola «Bottlers» hojalyk jemgyýetiniň gümrük işleri boýunça hünärmeni;

2008-2012-nji ýyllarda «Türkmengaz» döwlet konserniniň gurluşygy gurnaýyş we üpjünleýiş direksiýasynyň Ahal bölümçesiniň iş buýrujylar boýunça inženeri, esasy inžener-ýuristi; 2012-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň baş ýurist-maslahatçysy bolup işledi.

2014-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Aşgabat şäher häkimliginiň Bagt köşgi toý dabaralary merkeziniň edara-dolandyryş işgärleriniň baş ýurist-maslahatçysy bolup işleýär. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 30-NJY «ALTYN ASYR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ŞAGELDI BAÝRAMOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Şageldi Baýramow 1965-nji ýylyň 28-nji martynda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Berkarar obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1971-1981-nji ýyllarda Tejen etrabynyň 7-nji orta mekdebinde okady.

1981-1986-njy ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony himik, himiýa mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1986-1987-nji ýyllarda Tejen etrabynyň 8-nji orta mekdebinde himiýa mugallymy bolup işledi.

1987-1988-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Tejen etrap komsomol komitetiniň instruktory; 1988-1990-njy ýyllarda Ahal welaýat Tejen etrap komsomol komitetiniň müdiri; 1990-1991-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Tejen etrap komsomol komitetiniň 3-nji sekretary, 1991-1992-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Tejen etrap komsomol komitetiniň 1-nji sekretarynyň orunbasary wezipelerinde işledi.

1992-2000-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Tejen etrap Geňeşiniň başlygy; 2000-2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Ahal welaýatynyň öňki Altyn asyr etrap komitetiniň sekretary; 2013-2018-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrap komitetiniň başlygy wezipelerinde işledi.

2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Babadaýhan etrap komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

2012-nji ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglandy. Zähmet weterany. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 30-NJY «ALTYN ASYR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## TOÝLY BAÝRAMMYRADOWIÇ BAÝYMOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Toýly Baýrammyradowiç Baýymow 1972-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Täze oba obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1979-1989-njy ýyllarda Tejen etrabynyň 20-nji orta mekdebinde okady.

1990-1995-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1995-2013-nji ýyllarda Tejen etrabynyň 20-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy;

2013-nji ýylyň awgust-dekabr aýlarynda Tejen etrabynyň «Agalaň» daýhan birleşiginiň başlygy;

2013-2015-nji ýyllarda Tejen etrabynyň «Täze oba» daýhan birleşiginiň kärendeçisi;

2015-2016-njy ýyllarda Tejen etrabynyň 20-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.

2016-njy ýylyň iýul aýyndan bäri Tejen etrabynyň «Täze oba» daýhan birleşiginiň başlygy wezipesinde işläp gelýär.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ 31-NJI «SARAHS» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GURBANGELDI JUMAMYRADOWIÇ AŞYROW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gurbangeldi Jumamyradowiç Aşyrow 1986-njy ýylyň 28-nji awgustynda Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň Kiçiaga obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1993-1998-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Sarahs etrabyndaky 9-njy orta mekdebinde, 1998-2003-nji ýyllarda bolsa Tejen şäherindäki türkmen-türk mekdebinde okady.

2003-2006-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki A.Nyýazow adyndaky ýöriteleşdirilen bank mekdebinde okap, ony buhgalter hasaby we audit hünäri boýunça tapawutlanan diplom bilen tamamlady.

2006-2008-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2008-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň Sarahs etrap şahamçasynyň Elektron tölegleri boýunça hünärmeni bolup işledi.

2009-2011-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Ahal welaýat dolandyrmasynyň Sarahs etrap şahamçasynyň Buhgalter hasaby we bank amallar geçiriş bölüminiň alyp baryjy buhgalteri, baş buhgalteriň orunbasary wezipelerinde işledi.

2011-2016-njy ýyllarda Türkmen döwlet maliýe institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tapawutlanan diplom bilen tamamlady.

2016-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Ahal welaýatynyň Sarahs etrap şahamçasynyň Buhgalter hasaby we hasabaty bölüminiň başlygy baş buhgalteri wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Ahal welaýatynyň Sarahs etrap şahamçasynyň buhgalter hasaby we hasabaty bölüminiň başlygy, baş buhgalter bolup işleýär. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AHAL WELAÝATYNYŇ31-NJI«SARAHS»SAÝLAWOKRUGYNDANDALAŞGÄR



## JAHAN ANNADURDYÝEWNA BAÝRAMOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Jahan Annadurdyýewna Baýramowa 1977-nji ýylyň 21-nji aprelinde Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň Aşgabat obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1984-1994-nji ýyllarda Sarahs etrabynyň 10-njy orta mekdebinde okady.

1994-1998-nji ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1998-2011-nji ýyllarda Sarahs etrabynyň 10-njy orta mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy wezipesinde işledi.

2011-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Sarahs etrabynyň 1-nji orta mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işleýär.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.